# «Bir gije düýşüme girdi Pyragy…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Bir gije düýşüme girdi Pyragy…" “BIR GIJE DÜÝŞÜME GIRDI PYRAGY…”



Bir gije düýşüme girdi Pyragy,
Aýhan Hajyýewiň çeken keşbinde.
Ýasgynjak atynan gyrmyzy donly,
Hem ezýaka, çüri telpek başynda.
Düýşe girdi oglan wagtym Pyragy,
Soň öwrülip girmedi hiç düýşüme.
Sygdyryp bilmedim ahyry bir gün,
Atama aýtdym muny üýşene.

Başda aýdan sözün tutman atamyň,
Bu gün goşga salyp ýazdym düýşümi.
Ömrüm boýy sygyndygym Pyragy,
Şükür Huda, ýitirmedim huşumy.

Atam kimin sygyndygym Pyragy,
Medet bermiş maňa herki külpetde.
Oglan wagtym düýşe girdi Pyragy,
Ýaşap ýörün, men bagtly elbetde…

16.06.2024. Goşgular